**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**Hojamyrat Goçmyradow**

# Žurnalistika žanrlary

**Ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünärinde**

**okaýan talyplar üçin okuw kitaby**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan okuw kitaby hökmünde hödurlenildi**

**Aşgabat-2010**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**
-Žurnalistika işi, şol sanda döwürleýin metbugatyň işi uly ösüşe eýe boldy.

# Döwrümiziň ruhy aýnasy

Durmuşymyzy habar beriş serişdesiz göz öňüne getirip bolmaýar. Şonuň üçinem habar beriş serişdeleri (metbugat, teleradio, türkmen döwlet habarlar gullugy) jemgyýetde, adamlaryň durmuşynda örän möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Olara “ruhy aýna” diýlip, ýöne ýere aýdylmaýar. Jemgyýetimiz-de, halkymyz-da özüni “ruhy aýnada” görüp, üstünligine-de, kemçiligine-de göz ýetirýär. Şeýlelikde, üstünligini berkitmäge, goýberilýän kemçiligi çalt düzetmäge çalyşýar.

Beýik Galkynyş eýýamynda habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti has-da artýar. Olar Beýik Galkynyş eýýamynda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginde ajaýyp gural hökmünde hyzmat edýär. Ol adamlary ýurduň yglan edilen täze ideologiýasynyň özeni bolan: “Döwlet adam üçindir” diýlen şygaryň esasy ýörelge bolmalydygy baradaky maksada gönükdirýär. Ýurduň  içeri we daşary syýasatyndaky täze üstünlikleri dünýä ýüzüne äşgär edýär.

Habar beriş serişdeleri jemgyýetçilik pikirini döredýän wajyp gural hökmünde-de uly ähmiýete eýedir. Olar bilen okyjylaryň, tomaşaçylaryň, diňleýjileriň ýakyn aragatnaşygy döwlet hem döwür hakyndaky pikirlerinden ugur almaga, döwlet syýasaty hem-de kanunlar işlenip taýýarlananda halk köpçüliginiň pikirine esaslanmaga mümkinçilik berýär. Diýmek, habar beriş serişdeleri döwrümiziň “ruhy aýnasy” bolmak hyzmatyny ýerine ýetirmek bilen, döwlet gurluşynda-da, döwleti edara etmekde-de (dolandyrmakda-da) möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär.

Ýurdumyzyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň ýanwar, 2010-njy ýylyň fewral aýlarynda döredijilik işgärleri bilen bolan duşuşygynda, Beýik Galkynyş eýýamynda habar beriş serişdeleriniň işine mynasyp baha bermek bilen, olaryň öňünde täze wezipeleri-de goýdy.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, habar beriş serişdeleri döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryndaky ösüşi, döwlet häkimiýetiniň we dolandyryş edaralarynyň işinde biziň ideologiýa taýdan aýdyňlygymyzy, döwlet ulgamyny özgertmek we bitewi hukuk ulgamyny döretmek boýunça soňky başlangyçlar bilen bagly daşary ýurt maýadarlary üçin ykdysady ulgamyň özüne çekijiligini yzygiderli beýan etmelidirler.

Ýurt özgerýär, güýçli depgin bilen ösýär.Häzirki wagtda dünýä ýurtlary metbugatymyzdan, teleradiogepleşiklerimizden alnan habarlardan ugur alyp, ýurdumyzda alnyp barylýan işlere baha berýär.

Ýurdumyz boýunça alnyp barylýan tutumly işlerde, geçirilýan reformalarda, täze özgertmelerde habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti barha artýar. Şonuň üçinem döredijilik işgärleri bilen bolan duşuşyklar hormatly Prezidentimiz žurnalistler bilen aç-açan hem anyk gürrüň geçirdi. Açyk, konstruktiw, talap edijilikli gürrüň, olaryň işine berlen baha žurnalistleri tijendirdi. Habar beriş serişdeleriniň işgärleri durmuşdan, adamlaryň oý-pikirinden üzňe pes hilli ýazylan materiallardan saplanmaga çalyşdylar.

Ýurdumyzyň halk hojalygynda gazanylýan üstünlikleri, amala aşyrylýan beýik özgertmeleri beýan etmäge täzeçe, operatiw çemeleşilýär. Häzirki döwrüň zähmet gahrymanlaryny wasp etmekde täze žanrlar peýda boldy. Teleradio ýaýlymlarynyň işi kämilleşdirildi, gepleşikleri operatiw hem çuň many-mazmunda bermek ýola goýuldy.

Ýurt Baştutanymyz habar beriş serişdeleriniň işine yzygiderli üns berip durýar. Materiallaryň, teleradio gepleşikleriniň hiline bildirilýän talap edijilik özüniň oňat netijesinem berýär.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň aprel aýynda bolan giňeldilen mejlisinde habar beriş serişdeleriniň işi barada ýene durup geçdi we bu ulgamda hem düýpli öňegidişlikleriň gazanylandygyny, hususan-da, täze teleýaýlymlaryň we radioýaýlymlarynyň açylandygyny nygtady. Ol: “Žurnalistika işi, şol sanda döwürleýin metbugatyň işi uly ösüşe eýe boldy” diýip, žurnalistleriň alyp barýan işlerine mynasyp baha berdi.

Beýik Galkynyş eýýamynda žurnalistleriň döredijilikli zähmeti üçin ähli şertler döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, biziň döwletimiziň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň ýanynda internet saýtlar açyldy. Şeýlelikde, häzirki wagtda dünýä jemgyýetçiliginiň ýurdumyzdaky ösüşleri, durmuşa geçirýän özgerişlikleri, onuň döwlet syýsatynyň ileri tutulýan ugurlary, bütin Ýer ýüzüniň halklarynyň parahatçylykly ýaşamagyna we netijeli hyzmatdaşlyk etmegine gönükdirilen halkara ähmiýetli öňe sürlen başlangyçlar barada ygtybarly maglumatlary almaga mümkinçilikleri bar.

Häzirki Beýik Galkynyş eýýamynda milli metbugatyň, milli teleradionyň ösüşi-de täze basgançaga galdy. Indi döredijilik işiniň formasy-da, mazmuny-da büs-bütinleý täzeçe guralýar. Gazet-žurnallarda çap edilýän materiallar, teleradioda berilýän gepleşikler Beýik Galkynyş eýýamynyň ruhuna, hormatly Prezidentimiziň parasatlylyk bilen alyp barýan daşary hem içeri syýasatynda gazanylýan üstünliklere ýugrulýar.

Habar beriş serişdelerimiziň mundan beýläkki ösüşi žurnalist kadrlary bilen üpjünçilige, olaryň taýýarlanyşynyň hiline bagly. Magtymguly adyndaky Türkmen

döwlet uniwersitetinde, Halkara gatnaşyklary institutynda žurnalistika hünäri boýunça açylan bölümlerde kämil, giň gözýetimli ökde hünärmenleri ýetişdirmäge üns berilýär.

Geljekki žurnalistleriň ýurdumyzda häli-şinde bolup durýan ajaýyp wakalary, gazanylýan üstünlikleri dürli žanrlarda operatiw beýan etmekleri üçin, talyplaryň žurnalistikanyň žanrlarynyň ýazylyş düzgünlerini teoriýa taýyndan oňat özleşdirmegi zerurlyk bolup durýar. Şonuň üçin žurnalistlere niýetlenilen şu okuw gollanmasynda metbugat, teleradiožanrlary, olaryň özboluşlylygy, ýazylyş aýratynlygy barada gürrüň berilýär.

# I.Gazet-žurnal žanrlary

## Habar

Habar beriş serişdelerinde iň köp ýaýran žanrlaryň biri-de habardyr. Ol gysgalygy, ýönekeýligi, çalt ýazylýanlygy bilen beýleki žanrlardan tapawutlanýar. Makala, zarisowka ýa-da oçerk ýazmak üçin birnäçe günläp fakt toplamaly. Fakt toplanyňdan soň ýazmak üçinem birnäçe gün gerek.

Emma habar žanry çalt ýazylýar. Onuň üçin täze fakt ýa-da waka bolsa ýeterlik. Munuň özi habar žanryny hiç hili emgenmezden, kelle «döwmezden» ýazyp bolýar diýildigi däldir. Beýleki žanrlarda bolşy ýaly, habar žanrynyň hem kanunalaýyklyklary, aýratynlyklary bar.

Eýsem, habar žanry nähili bolmaly? Onuň esasy borjy durmuşymyzda jemgyýetçilik ähmiýeti bolan wakalary, faktlary okyjylara, diňleýjilere, telegörüjilere ýetirmek. Şonuň bilen birlikde, täze faktlary wagyz etmekdir. Dili sada hem düşnükli bolmaly.

Habar žanry, esasan, «Näme bolup geçdi, nirede hem haçan?» diýen sowallara jogap berýär. Bu žanrda wakanyň bolmagyna näme sebäp bolandygy öz beýanyny tapmaly.

Habar žanrynyň esasy wezipesi gündelik durmuşymyzda bolýan wakalary dogruçyl hem-de öz wagtynda habar bermekdir. Beýik Galkynyş eýýamynda täzelikler näçe diýseň bar: ýurdumyzyň içeri hem daşary syýasatyndaky şowly ädimler, nebitiň hem gazyň täze açylan ojaklary, zawoddyr fabrigiň işe girizilmegi, halkara festiwalynyň geçirilmegi, ajaýyp oýlap tapyşlar, daýhan birleşiginiň ýa-da kärendeçiniň uly zähmet üstünligi, dünýä çempionatynda gazanylan ýeňiş we ş.m.

Habar žanry täzeliklere esaslanýar. Her bir täzeligiň jemgyýetçilik ähmiýeti-de bolmaly. Mysal üçin, adamlaryň biri täze awtomaşyn satyn alypdyr diýeliň! Awtomaşynyň satyn alynmagy täzelikmi? Elbetde, täzelik. Ýöne jemgyýetçilik ähmiýeti bolmadyk täzelik. Eger-de habarda öňdebaryjy kärendeçiniň gazanan uly

üstünligi, Watanyň galla harmanyna goşandy, netijede bol girdeji barada gürrüň berlip, şondan özüne täze awtomaşyn satyn alandygy hakda aýdylsa, jemgyýetçilik ähmiýetli habar bolar.

Diýmek, täzeliksiz habar žanry bolmaýar. Onuň wezipesi entek bilinmedik, eşidilmedik zady habar bermekdir. Habar hemmelere mälim bolan zatlary gaýtalamaly däl. Meselem, «Awtomaşyn adamlar üçin esasy ulagdyr» diýlip başlanýan habar ünsüňi özüne çekmez. Sebäbi awtomaşynyň adamlar üçin esasy ulagdygy hemmelere düşnükli ahyryn.

Habar žanryny nähili ýazmaly? Ilkinji nobatda, täzelikleri duýmaly. Ýaş žurnalistiň beýleki adamlardan tapawutly aýratynlygy onuň synçy bolmagydyr. Görmek hem synlamak bilen faktlary toplamaly. Ondan soň ýazmaly.

Habar žanry çalt ýazylmaly hem operatiw berilmeli. Eger-de täzelik öz wagtynda aýan edilmese, ähmiýetini ýitirýär. «Şu gün» ýa-da «Düýn» diýen sözler bilen başlanýan habarlar operatiwligi bilen tapawutlanýar. Emma «Ýakynda» ýa-da «Geçen hepdede» diýen sözler ulanylyp ýazylan habarlary operatiw hasaplamak bolmaz, olaryň gymmaty-da, ähmiýeti-de azdyr.

Informasion habar syýasy, sosial-durmuş, ykdysady, medeni temalarda bolýar. Olaryň seslenme, tankydy, çekişme ýaly görnüşleri-de bar.

Habar žanry möçberi boýunça-da birnäçe topara bölünýär. Iň gysga habar hronikadyr. Hronika — gündelik durmuşda bolýan hadysadyr. Ol 2-3 setirden bolan habarlar toplumy. Hronikanyň bir umumy sözbaşysy bolýar.

Kiçi göwrümli habar 10-30 setirden ybarat bolup, özbaşyna sözbaşysy bolmaly. Uly göwrümli habar 30-100 setirdir. Onuň hem özbaşyna sözbaşysy bar.

## Interwýu

Interwýu – ýeňil hem gyzykly okalýan žanrlaryň biri. Interwýu sözi iňlisçe gürrüň bermek diýmekdir. Ol metbugatda çap etmek, teleradioda bermek üçin niýetlenilýär.

Interwýunyň başynda söhbetleşdigiň esasy maksady, kim bilen gürrüň geçirilýändigi, eýeleýan wezipesi, ady we familiýasy ýazylýar.

Bu žanryň häsiýetli aýratynlygynyň biri hem onda beýan edilýän faktlar, wakalar, aýdylýan pikir-garaýyş žurnalistiň däl-de, interwýu berýäniň adyndan aýdylýar. Eger-de orta atylýan tema çüňňür derňelse, peýdaly pikirler aýdylsa, interwýu şonça-da gymmatly bolýar. Munuň özi žurnalistiň diňe interwýu berýaniň gürrüňini ýazyp almak bilen çäklenmekdigini aňlatmaýar. Interwýu žurnalist bilen söhbetdeş bolýan adamyň bilelikdäki döredijilik işidir. Interwýunyň şowly çykmagy köp derejede žurnaliste hem baglydyr. Şonuň üçin žurnalist ýokary medeniýetli, giň gözýetimli, giň düşünjeli bolmaly.

Interwýu üçin ilkinji nobatda redaksiýa tarapyndan döwrebap tema saýlanylýar. Ondan soň interwýu berjek adam kesgitlenilýär. Şu ýerde bir zady ýatdan çykarmaly däl. Interwýu berjek adam söhbetdeşlige taýýarlykly, temany bäş barmagy ýaly bilýän bolmalydyr.

Žurnalist hem söhbetdeşlige taýýarlanýar. Tema degişli edebiýatlary okaýar, tejribeli hünärmenler bilen maslahatlaşýar. Ondan son mysaly sowallary düzýär we interwýunyň haýsy görnüşi bounça material ýazjakdygyny anyklaýar.

Materialyň gyzykly hem täsirli bolmagy žurnalistiň interwýu berýän bilen umumy “dil” tapyşyna, söhbetdeşligi gurap bilşine bagly. Eger žurnalist şony başarmasa, onda interwýu guraksy bolup, okyjylaryň talabyny ödäp bilmez, işe ýüzleý çemeleşdigi bolar.

Metbugatda çap edilýän, teleradioda berilýän interwýu dürli maksatlarda bolýar:

-Ýurt Baştutanymyzyň içeri we daşary syýasatyndaky üstünlikleri, uly özgerişlikleri halka ýetirmek; - Ýakyn wagtda boljak döwlet derejesindäki uly çärelere taýýarlygyň barşy bilen tanyşdyrmak;

-Alymlaryň, täzelikçileriň, telekeçileriň, kärendeçileriň, medeni we sungat işgärleriniň, tanymal sportsmenleriň täze ýeňişlerini aýan etmek;

-Ilata ozal azda-kände mälim bolan ol ýa-da beýleki faktlary täzeden yzygiderli hem dolulygyna habar bermek;

-Syýasy, döwlet, jemgyýetçilik işgärleriniň, alymlaryň haýsam bolsa bir mesele boýunça pikirini bilmek.

Materialyň sözbaşysynyň ýokarsyndaky rubrikada interwýunyň haýsy görnüşe degişlidigi görkezilýär. Şeýle hem interwýunyň haysy usulda- şahsy gürrüňdeşlik, telefon, telegraf ýa-da beýleki bir usulda taýýarlanandygy aýdylýar. Söhbetdeş bolan žurnalistiň ady hem familiýasy interwýunyň başynda ýa-da soňunda görkezilýär.

Interwýu žanrynyň interwýu-monolog, interwýu söhbetdeşlik( iki adam arasyndaky), köpçülikleýin interwýu, interwýu- zarisowka, anketa ýaly görnüşleri bar. Interwýu monolog iň ýönekeý görnüşidir. Onda interwýu berýäne bir sany sowal berilýär, ol hem doly we yzygiderli jogap berýar. Interwýu söhbetdeşlikde iki adamyň arasynda sowal-jogap alşylýar. Munda žurnalist esasy sowallar bilen çäklenmän, käbir zady anyklamak üçin goşmaca sowallaram berýär. Köpçülikleýin interwýuda birnäçe adam gatnaşyp, olaryň pikirleri jemlenilýär. Häzirki döwürde interwýu zarisowka gyzykly žanr hasaplanylýär. Žurnalist diňe sowallary bermek bilen çäklenmän, interwýu berýäniň jogaplary, söhbetdeşligiň gidişi barada-da oý-pikirini beýan edýär. Interwýunyň bu görnüşi telewideniýede has-da täsirli bolýar.

Interwýunyň anketa görnüşi-de bar. Bu usulda adamlaryň uly toparynyň, haýsam bolsa bir mesele boýunça, pikirini bilmek maksady

bilen redaksiýa sowallary düzýär we poçtanyň üsti bilen iberýär ýa-da adamlaryň eline gowşurýar .Alnan jogaplar derňelýär we netijesi metbugatda çap edilýär.

## Zarisowka

Zarisowka reportaždyr oçerke ýakyn žanr. Bu žanrda žurnalistiň saýlap alan temasyna degişli waka suratlandyrylyp görkezilýär Toslama dä
l-de, hakyky hem anyk faktlar beýan edilýär

Mysal üçin, ýaş žurnalist etrabyň öňde baryjy kärendeçisiniň gazanan uly üstünligi barada material taýýarlamak isläpdir diýeliň. Ol kärendeçiniň näçe gektar gowaçadan näçe tonna pagta öndürendigi, tabşyrygy etrap boýunça ilkinji bolup berjaý edendigi, hasylyň näçe göteriminiň maşyn bilen ýyglandygy, şeýle hem onuň näçe ýyldan bäri gowaça ösdürip ýetişdirýändigi baradaky faktlary belläp alýar-da, material ýazýar. Bu, elbetde, zarisowka bolmaz-da, informasion habar bolar.

Eýsem, şu temadan zarisowka ýazyp bolarmy? Elbetde, bolar. Onuň üçin žurnalist informasion habara gerek bolan sanlardan, faktlardan başga, kärendeçä kömek beren adamlar, onuň oý-pikirleri bilenem tanyşýar. Olar bilen iş üstünde gürrüňdeş bolýar. Sebäbi zarisowkany kärendeçini görmän, onuň üstünliginiň syryny öwrenmän ýazyp bolmaýar

Kärendeçi synlanylýar, gürrüňi üns bilen diňlenilýär. Gürrüňi diňlenip oturylan wagty, onuň iş tejribesine, içki oý—pikirine, geljekki etsem-petsemlerine göz ýetirilýär.

Eýsem, zarisowka üçin şu faktlar ýeterlikmi? Materialyň gyzykly, çeper ýazylmagy üçin ýene goşmaça faktlar toplanylýar. Žurnalistiň syncy nazary kärendeçiniň daşky sypatyny, onuň kömekçileri, daýhan birleşiginiň ýolbaşçylary bilen bolan gürrüňini-de “surata düşürýär”. Gahrymanyň beýleki adamlara täsiri-de ilik-düwme öwrenilýär. Onsoň gözüň bilen görüp, gulagyň bilen eşiden zadyňy suratlandyryp ýazmak aňsat hem gyzykly bolýar.

Žurnalistiň zarisowkanyň üstünde işleýşi, hudožnigiň peýzažyň suratyny çekişini ýadyňa salýar. Eger hudožnik dürli reňkler bilen peýzažy görke getirýän bolsa, ħurnalist hem çeper suratlandyrmalar bilen zarisowkany gyzykly edýär.

Zarisowka dürli faktlar, sanlar, wakalar bilen çendenaşa köp doldurylmaýar. Anyk hem gysga ýazmaklyk zarisowka žanryna-da degişli. Toplanylan faktlaryň, sanlaryň içinden durmuşy real görkezmekde has zerury saýlanyp alynýar.

Zarisowka metbugatyň söweşjeň, okyjylaryň höwes bilen okaýan žanrydyr.

# Korrespondensiýa

Käbir žurnalist korrespondensiýa bilen zarisowkanyň aratapawudynyň azdygyny aýdýar. Ýok , beýle däl. Olaryň aratapawudy uly.

Korrespondensiýa operatiw žanrlaryň biri bolmak bilen , metbugatda köp ulanylýar. Žurnalist bu žanrda ýazýan materialynda diňe faktlary getirmek, wakalary beýan etmek bilen çäklenmeýar. Ol durmuşyň “bir bölejiginiň”- syýasy, ykdysady , medeni ýagdaýynyň faktlaryny analizleýär, kommentirleýär, netije çykarýar. Munuň özi korrespondensiýa žanrynyň esasy aýratynlygydyr.

Rus dilindäki korrespondensiýa sözi türkmençe ( russko- turkmenskoý slowar.- Aşgabat, 1962.-236s.) korrespondenşiaýa, häzirki ýagdaý barada makala diýlip düşündirilýär. Emma korrespondensiýa makala hem däldir. Makalada tema boýunça faktlaryň jemi, derňewiň umumy netijesi beýan edilýär. Korrespondensiýada bolsa aýratyn alnan faktlar analizlenýär. Fakt analiziň özeni bolup hyzmat edýär.

Korrespondensiýany ýerlere çykman, oturan ýeriňde ýazyp bolmaýar. Ol ýerlerde bolnup, faktlar oňat öwrenilip ýazylýar. Bu žanra operatiwlik , temanyň anyklygy, salgynyň aýdyňlygy mahsusdyr.

Korrespondensiýada faktlary beýan etmekden başga, awtoryň azda-kände pikiri-de getirilýär. Waka doly açylyp görkezilýär, gahrymanlar häsiýetlendirilýär. Aworyň faktlara ýa hadysalara gatnaşygy, garaýşy berilýar.

Bu žanrdaky materiallarda makalalardaky ýaly umumy oýlanmalar yazylmaýar. Korrespondensiýa durmuşyň “bir bölejiginiň” surata düşürilişi, guraksy faktlaryň sanawy hem däldir. Materialda gyzykly, aýdyň faktlardan başga janly hereket hem beýan edilýär. Sowal-jogap getirilip, faktlaryň nähili ähmiýetiniň bardygy, täzelikler we olaryň önümçilige ornaşdyrylyşy berilýär. Awtor täzelikleriň ýaýradylyşy barada öz teklibini, pikirini hem aýdýar.

Korrespondensiýany nähili ýazmaly? Döwrüň möhüm temasyny, ýazyljak obýekty saýlamak, faktlary toplamak, olary analizlemek material ýazmakda esasy talaplar hasaplanylýar. Ilki bilen tema, obýekt saýlananda makalanyň esasy maksady aýan bolýar. Onsoň makalanyň okyjylara güýçli täsir etmeginiň ýollary gözlenilýär. Toplanylan faktlar gözden geçirilýär, wakalar çüň analizlenilýär.

Korrespondensiýa žanryndan ýazylýan her bir materiala jemgyýetçilik-syýasy çykyş hökmünde garalyp, ol öwredijilikli häsiýetde bolmalydyr. Materialyň edebi formasy-da dürli hili bolýar . Hemme material birmeňzeş, şol bir kompozision gurluşda ýazylsa, ýagny ilkibaşda giriş, ortada faktlary beýan etmek, soňunda hem netije çykarmak ýaly usulda ýazylsa gyzykly bolmaýar, okyjyny özüne çekmeýär. Edebi forma saýlanylyp alnan tema, faktlara we olaryň materialdaky ähmiýetine görä kesgitlenilýär.

Korrespondensiýa awtoryň öňünden düzen öz meýilnamasy esasynda ýazylýar. Eger şeýdilmese, awtor toplan köp faktlarynyň aşagyndan çykyp bilmeýär, esasy aýdyljak bolunýan zatlaram birgyrada galyberýär.

Materialyň diline-de , çeperçilik serişdeleriniň ulanylyşyna-da seresaply çemeleşilýär. Bulaşyk, düşnüksiz jümleler materialyň hilini peseldýär. Ýerlikli ulanylan deňeşdirme, gepleşikler, nakyldyr atalar sözi materialy bezeýär hem-de gyzykly edýär. Materialyň çeper ýazylan başlangyjy ýa-da oňat jemlenilişi okyjynyň ýadynda galýar.

Korrespondensiýanyň üstünligi faktlaryň, wakalaryň ynandyryjykly beýan edilişine baglydyr. Ynandyrmalar materialda getirilen aýdyň delilnamalara hem esaslanýar. Delilnamalaryň ynandyryjy bolmagy her bir materialyň ýokary hilli bolmagynyň esasy girewidir.

# Syn

Syn informasion žanrynyň bir görnüşi. Ýurduň içerki temasyndaky synda okyjylar yurt, welaýat, etrap. şäher boýunça belli bir döwürdäki ( hepdelik, aýlyk, kwartallyk, ýarymýyllyk, ýyllyk) möhüm wakalar bilen tanyşýar.

Bu žanrda senagat, gurluşyk materiallarynyň, oba hojalyk önümleriniň öndürilişi, şäherleriň hem obalaryň abadanlaşdyrylyşy we ş..m. meseleler beýanyny tapýar. Syn haýsy temadan ýazylsa-da, sanlar we maglumatlar giňden peýdalanylýar. Şeýlelikde, senagatda, gurluşykda, oba hojalygynda alnyp barylýan işler aýdyň görkezilýär.

Pagta ýygymy, galla oragy möwsüminde gazetleriň her sanynda maglumat berilýär. Okyjylar operatiw berilýän maglumaty uly gyzyklanma bilen synlaýar. Gazetleriň käbiri maglumat bilen birlikde syn hem berip , pagta ýygymynda ýa galla oragynda haýsy welaýatyň, etrabyň öňde barýandygyny, haýsylarynyň yzda galýandygyny ýazýar.

Möwsümleýin berilän synda pagta ýa galla meýilnamasyny ilkinji bolup dolduran kärendeçiler , daýhan birleşikleri hem nygtalýar. Iň ýokary hasyl alanlaryň atlary tutulýar. Şunyň ýaly synlar möwsümde öňde baryjylary ruhlandyrýar, yzda galýanlary tijendirýär.

Möwsümleýin işleriň alnyp barlyşyna syn berilmegi informasion maglumatyň täsirliligini artdyrýar. Maglumat bolsa informasion habaryň tablisada beýan edilen bir görnüşidir.

Metbugatdaky ykdysady synyň ähmiýeti has-da uly. Ony çap etmäge her gazet özüçe çemeleşýär we öz “ýüzüni” görkezýär. Netijede gazetleriň ykdysady syny çap etmeginde birmeňzeşligiň öňi alynýar.

Syn žanry boýunça materiallary çap etmekde oýlanyşykly, anyk hem yzygiderli syýasatyň ýöredilmegi redaksiýa diňe üstünlik getiýär.

## Ýol ýazgylary

Bu žanr redaksiýanyň ýörite tabşyrygy boýunça ýazylýar. Ol “Žurnalistiň ýandepderçesinden”, “Ýazyjynyň ýandepderçesinden” diýen rubrikalarda-da berilýär.

Ýol ýazgylary hakyky ýagdaýy ähtibarly hem gyzykly beýan edýär. Bu žanrdaky mate63riallarda Garaşsyz hem baky Bitarap Watanymyzyň welaýatlarynda, şäherlerinde, etraplarynda, obalarynda alnyp barylýan tutanýerli zähmet, ruhy hem medeni taýdan özgerişlikler, täzelikler ussatlyk bilen suratlandyrylýar. Ýol ýazgylary žanry okyjylary umumy yurt boýunça däl-de, ýurduň aýratynlykda alnan bölegindäki (welaýat, şäher, etrap) özgerişlikler, täzelikler bilen tanyşdyrýar.

Žurnalist ýa-da ýazyjy ýol ýzgylarynda özüniň gören, synlan täzeliklerini, gyzykly wakalary real beýan edýär. Her hili çaklama ýa toslama ýol berilmeýär.

Bu žanrdaky materiallarda awtoryň gören, guwanan zatlary yzygiderli beýan edilýär. Material oňat ýazylanda, okyjy özüni awtor bilen bilelikde syýahat eden ýaly duýýar.

Ýol ýazgylarynda diňe beýan etme usuly ulanylman, aýry-aýry adamlar bilen gürrüňleşilende, olaryň aýdan sözleri, oý-pikirleri-de getirilýär. Awtor haçan-da beýan etmeleriň arasynda janly gepleşigi getirip, adamlaryň egsilmez hyjuwy, ruhubelentligi barada öz pikirini, oýlanmalaryny ýazsa, material gyzykly hem özüne çekiji bolýar.

Ýol ýazgylarynyň okyjylar üçin ähmiýeti onuň göz ýetirijilik, öwredijilik ruhunda ýazylýanlygyndadyr. Şonuň üçin şu žanrdaky materiallarda tötänleýin faktlara, wakalara ýol berilmeýär.

## Hasabat

Hasabat - informasiýanyň giň ýaýran žanrlarynyň biri. Hasabatda möhüm jemgyýetçilik- syýasy wakalaryň-gurultaýlaryň, ýygnaklaryň, maslahatlaryň, baýramçylyk dabaralarynyň geçirilişi, sergileriň, sport ýaryşlarynyň guralyşy beýanyny tapýar. Žurnalist redaksiýadan tabşyryk alyp, syýasy- jemgyýetçilik wakalaryna gatnaşýar. Ol ýerde gören hem-de eşiden zatlaryny hasabat materialynda beýan edýär. Ňetijede, ara alnyp maslahatlaşylan ( ýygnakda, maslahatda we ş.m.) meseleler okyjylar üçin aýdyň hem düşnükli bolup galýar.

Hasabat özüniň möçberi boýunça dürli hili bolýar. Materialyň möçberi žurnaliste däl-de, wakanyň gymmatyna, ähmiýetine baglydyr.

Ýöne bu žanr üýtgeşiksiz birmeňzeş äheňde bolýandygy üçin köplenç gysga beýan edilmäge çalşýlýar.

Dokladda hem çykyp geplemelerde köp temalar, sowallar, mysallar barada durlup geçilýär. Eýsem, köpçüligiň gymmatly pikiriniň hemmesini materialda ýerleşdirmek üçin hasabaty nähili ýazmaly? Ilkinji nobatda ýandepçedäki ýazgylara göz aýlanylýar. Soňra çykyp geplemelerde aýdylanlar ýatlanylýar. Ine, onsoň materialda beýan etmek isleýän esasy meseläň ýüze çykýar duruberýär.

Hasabat žanry ýygnagyň protokol ýazgysy, çykyp geplemeleriň gaýtalanmasy däl. Ol tema boýunça adamlar arasyndaky pikir alyşmalary beýan etmegiň döredijilikli usuly, täri. Çykyp geplemeleri, ýygnagyň geçişini anyk we oňat beýan etmek üçin sözlenen sözlerdäki gozgalan meseleler toparlara bölünýär.

Gutarylmadyk pikirler, umumy jümleler hasabata peýda getirmeýär, gaýtam hilini peseldýär. Gazetde her bir ýygnagy, maslahaty beýan etmäge mümkinçilik bolmaýar.Şu ýerde nähili ýygnakdan, maslahatdan hasabat ýazmaly diýen sowal ýüze çykýar. Onuň anyk jogaby şeýle: jemgyýetçilik gyzyklanmasyny döredýän, ähmiýeti uly bolan ýygnakdan ýa-da maslahatdan hasabat ýazylýar.

Käbir ýygnaga merkezi, ýaşlar, şäher, welaýat gazetlerinden-de wekiller gatnaşyp hasabat ýazylýar. Gazetler ýygnagyň ýa-da maslahatyň geçişini hersi dürlüçe beýan edýär. Her gazet özüniň "ýüzüni" görkezäýjek meselelere ýapyşýar.Meselem, ýaşlar gazetiniň ýaşlar temasynyň beýanyna, terbiýeçilik meselesine üns berjekdigi tebigy zat.

Hasabat ýazmak habarçydan operatiwligi talap edýär. Çalt ýazylmaly materialda nätakyklyga ýol bermezlik üçin näme etmeli? Ilkinji nobatda çykyşlar yzygiderli hem tertipli ýazgy edilýär. Her bir çykyşdan gymmatly pikir hem-de fakt alynýar.

Ýygnakda eşiden zatlaryň anyklygy hem-de dogruçyllygy doly kepillendirmeýär. Ýygnakda çykyş eden adamyň adynyň hem familýasynyň, aýdylan sanlaryň hem faktlaryň takyk eşidilmeýan halatlary bolýar. Şonuň ücin ýygnakdan gaýdylmanka, ýandepderçedäki ýazgylar prezidiumyň protokolyndaky ýazgylar bilen deňeşdirilýär, takyklygyna göz ýetirilýär.

Hasabat žanrynyň umumy hasabat, tematiki hasabat, kommentariýeli hasabat ýaly görnüşleri bar.

**Umumy hasabatda** wakalar hronologiki tertipde beýan edilýär. Ilki bilen dokladçy, onuň aýdanlary, soňra çykyp geplänler, olaryň aýdanlary getirilýär. Şu hili hasabatda žurnalist hiç hili kommentariýe bermeýär.

**Tematiki hasabatda** material başgaçarak ýazylýar. Ýygnagyň geçişiniň ýazgysy stenografiki tertipde däl-de, çykyşlaryň saýlanyp alynmagynda

guralýar. Ýygnakda köp meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylandygyna garamazdan, 2-3 sany möhüm meseläniň üstünde durlup geçilýär we şolaryň beýany berilýär. Käwagt tema boýunça çykyp geplänleriň köp sanlysynyň çykyşyndaky möhüm meseleleri toparlara bölmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Şunuň ýaly hasabat gozgalan mesele boýunça doly maglumat bermäge mümkinçijik berýär.

Umumy hem tematiki hasabatda awtor tarapyndan jemleýji pikir ýazylmaýär.

**Kommentariýeli hasabatda** žurnalist ýygnagyň geçirilişini, çykyp geplemeleriň beýanyny ýazmak bilen çäklenmän, eýsem, materialda özüniň oý-pikirlerini-de beýan edýär, Kommentirleýär, edilen çykyşlara baha berýär, netije çykarýar.

Käwagt bolsa ýygnakdan öň ýa soň toplan goşmaça faktlaryny, sanlaryny getirip, hasabaty has-da gyzykly ýazýar.

Hasabat – örän jogapkärçiligi talap edýän žanr. Onuň operatiw hem anyk, gyzykly ýazylmagy möhüm.

# Reportaž

Ilkibaşda reportaž žanrynyň döreýiş taryhy hakynda. Reportaž latyn sözi bolup habar bermek, mälim etmek diýmekdir. Bu adalga birnäçe manyny aňladýar. Ol 19 –njy asyrda ilkinji gezek iňlis metbugatynda ulanylýar. Şol wagtlar parlamentdäki täzelikleri redaksiýa habar berip duran žurnalist "Reportýor" diýilip atlandyrylýar. Reportýor - gazet işgäri diýen manyny berýär. Ondan soň täzelikleri okyjylara habar berýän islendik materiala reportaž diýlipdir. Repotaž adalgasy ýuwaş-ýuwaşdan bir taraply mana eýe bolup, informasion žanrlaryň birini eýeleýär.

Reportaž žanr aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Ol wakany gözi bilen göreniň ýa-da şaýat bolanyň gürrüňidir. Eger habarda waka hakda aýdylsa, reportažda wakanyň nähili bolup geçendigi görkezilýär. Wakanyň bolup geçen ýeri aýdyň subutnamaly beýan edilýär. Žurnalist goren-eşiden zatlaryny, gürrüňleri jikme-jikligi bilen janly şekilde ýaly berýär.

Reportaž žanry informasion žanrlaryň ählisi bilen utgaşdyrylýar. Onda esasan-da hasabatyň, interwýunyň, zarisowkanyň elementleri köp. Deňeşdirmeler, gepleşikler giňden ulanylýar. Awtoryň hususy synlamalary, özünde täsir galdyran zatlary beýan edilýär. Reportaňda liriki yza çekilmeler, gyzykly epizotlar, adam häsiýetleri-de berilýär.

Oçerkde edebi serişdeler adam obrazyny döretmekde gerek bolýan bolsa, reportažda bolup geçen wakanyň şekilini täzeden döretmekde ulanylýar. Şeýlelikde, žurnalist synlamak, obrazly beýan etmek bilen reportažyny alyp barýar. Eýsem, reportaž nähili alnyp barylýar?

Mysal üçin, türkmen ýigidi daşary ýurtda bolan halkara sport bäsleşiginde uly ýeňiş gazanyp, dünýäniň çempiony bolupdyr diýeliň. Gazetler bu hoş habary derrew buşlaýar, telewizorda çempionyň suraty görkezilýär, kommentariýe berilýär. Emma bu informasion habarlar dünýä çempiony hakda doly maglumat berip bilmeýär.

Emma dünýa çempionynyň uly ýeňişden soňky içki joşguny, buýsanjy, hatda onuň egin – eşigi, ýüz-keşbi reportažy alyp barýanyň nazaryndan sypmaýar. Materialda çempionyň küşt bäsleşigi başlanmaka, garşydaşyny synlaýşynyň hem oý-pikiriniň berilmegi okyjyny biparh goýmaýar.

Bahar paslynyň mylaýym şemaly, çempiony garşylamaga aeroporta baranlaryň şadyýan keşpleri, gowşurylýan gül çemenleri, ilkinji sowal-jogaplar reportažy baýlaşdyrýar, täsirliligini artdyrýar. Okyjy täsirli ýazylan reportažy okap, çempion hakda doly maglumat alyp bilýär.

Reportažyň operatiwligi, faktlaryň anyklygy hökmany şertleriň biri. Käbir gazetde “Dokumental reportaž” diýen rubrika ulanylýar. Biziň pikirimizçe, munuň özi nädogry ulanylýan rubrikadadyr. Sebäbi reportažlaryň hemmesi-de dokumental bolýar.

Reportažyň kompozision – stil aýarynlygy beýleki žanrlardan tapawutlanýar. Kompozisiýa gyzykly ýazylan reportažyň esasy elementi. Žurnalist tema laýyklykda özüniň ýazjak reportažynyň kompozisiýasyny guraýar. Reportažyň kompozisiýasy oçerkden özge žanrlaryňka garanda erkin bolýar.

Reportažyň başlanylyşy özüne çekijiligi bilen tapawutlanýar. Käbiri peýzažy suratlandyrmakdan, käbiri – de gepleşikden başlanýar. Soňra wakanyň ýaýbanlandyrylyşy beýan edilýär. Material awtoryň gelen pikirine görä, gysga hem takyk jemlenilýär.

Reportažyň stili-de beýleki žanrlardan tapawutlylykda joşgunly bolýar. Okyjy joşgunly stilde ýazylan reportažda özüni awtor bilen bilelikde wakalara gatnaşan hem synlan ýaly duýýar.

Reportaž materialynyň göwrümi temasyna, faktlaryň ähmiýetine baglydyr.Oňat suratlar bilen bezelse reportaž has-da gyzykly okalýar.

Reportažyň rubrika ýa-da sözbaşa laýyklykda däl-de, wakanyň mazmuny, onuň ähmiýeti, beýan ediliş aýratynlygy boýunça üç sany görnüşi bar.

**Wakaly reportaž**. Reportažyň bu görnüşinde ýurdumyzda häli- şindi bolup durýan jemgyýetçilik ähmiýetli waka operatiw beýan edilýär. Awtor bolup geçen wakany hronologik tertipde berýär.

**Tematiki reportaž.** Awtor materialy waka boýunça däl-de, saýlap alan temasy boýunça ýazýar. Reportažyň bu görnüşinde waka hronologik tertipde berilmeýar. Awtor ony dürli usulda ýazýar. Ýagny, reportažyn başlanylyşynda ýa-da gutardyşynda gyzykly epizodlary getirýär.

**Mesele gozgaýjy reportaž.** Ol reportažyň beýleki görnüşlerden tapawutlanýar. Zerur faktlar ýygnalyp, okyjylaryň ünsüni çekäýjek mesele öňe sürülýär.

## Resenziýa

Metbugat jemgyýetdäki syýasy, ykdysady, medeni, social-durmuş ýagdaýlary beýan etmek bilen birlikde,jemgyýetçilik-syýasy, ylmy, çeper eserler hakynda-da pikir ýöredýär.Metbugat resenziýa žanrynyň üsti bilen eserler,olaryň ähmiýeti, okyjylara ýetirýän täsirini beýan edýär.

Resenziýa žanry özüniň tebigaty boýunça analiz edijidir. Onda beýan etme usuly ulanylmaýar. Bu žanryň temanyň işlenişini, sýužeti hem kompozision gurluşy inçelik bilen görkezmekde öz düzgüni bar.

Resenziýa žanry metbugatda esasan iki görnüşde ulanylýar. **Birinjisi**, jemgyýetçilik-syýasy,ylmy populýar eserlere resenziýalardyr. **Ikinjisi** hem edebi hem sungat eserlerine resenziýalardyr.

Resenziýa, umuman alanyňda,makala žanryna meňzeş hem bolsa, olaryň arasynda düýpli tapawut bar. Eger makala gönüden-göni durmuşdan alnan faktlary beýan edýän bolsa, resenziýa edebi we sungat eserlerinde şöhlelendirilen durmuş wakalaryny analizleýär. Munuň özi resenziýanyň özbaşdak žanrdygyny häsiýetlendirýär.

Resenziýanyň özüne mahsus bolan aýratynlygy-da bar. Onda, adatça, oçerkiň,hasabatyň, habaryň elementleri mese-mälim duýulýar.Şonuň üçinem žurnalistler resenziýany informasion hem publitistik materiallaryň käbir aýratynlygyny özünde jemleýän gazet žanry hasaplaýar.

Tankydy-edebi resenziýa kitaplary,kitapçalary,gazet-žurnallarda,ýygyndylarda çap edilen makalalary we beýleki publistik hem çeper eserleri analizleýär. Resenziýada eseriň temasynyň nähili derejede çuňňur açylandygyna, çeperçiligine baha berilýär. Spektakllara, kinofilmlere,beýleki sungat eserlerine resenziýada-da şunuň ýaly talaplar bildirilýär.

Resenziýa dogry hem adalatly bolmaly. Onda peýdasy degmejek tankyda, howul-hara çykarylan netijä, boşsözlülige ýol berilmeýär. Resenziýa hoşniýetli ýazylyp, onda eseriň ideýa-mazmunyna mynasyp baha berilýär. Kemçilikler güberdilip görkezilmeýär, eseriň gymmatyna kembaha garalmaýar.

Resenziýada eseriň üstünligi hem kemçiligi dogry görkezilse, awtora geljekde hakykaty has-da dogry beýan etmäge,eserde göýberen kemter ýerlerine düşünmäge kömek edýär.

Edebi eserlere resenziýa sungat eserlerine bolan resenziýadan dil aýratynlygy, stil,beýan ediliş formasy boýunça tapawutlanýar.Edebi tankyt dürli žanrlardaky eserler bilen iş salyşýar we her bir žanryň aýratynlygyny göz öňünde tutýar. Spektakllara,kinofilmlere, beýleki sungat işlerine resenziýalarda temalaryň çözülişine, dil baýlygyna, stiline, eserleriň kompozision gurluşyna özboluşly çemeleşilýär.

Resenziýada eserlere umumy häsiýetnama berilýär,temanyň derwaýyslygy,awtoryň çeper nusgalyk hyzmaty, gahrymanlaryň ajaýyp häsiýetleri kesgitlenilýär, bu bolsa awtora geljekde döwrüň mynasyp eserini döretmäge hemaýat berýär.

## Metbugata syn

Bu syn metbugaty resenzirleýän esasy žanrdyr. Onuň esasy maksady döwürleýin metbugatdaky täzelikler, oňat ýa-da harsal ýazylan materiallar hakda habarly edip,redaksiýada alnyp barylýan işleriň derejesine baha bermekdir.

Metbugata oňat ýazylan syn öwrenerlikli bolup, redaksiýanyň işgärlerine degerli maslahatlar berýär, gazetlerdäki täzelikler bilen tanyşdyrýar. Syn žanry metbugatyň kämilleşmegine, ideýa derejesiniň ýokarlanmagyna, materiallaryň mazmunynyň gowulanmagyna ýardam berýär. Metbugata synyň yzygiderli berilmegi netijesinde žurnalistler metbugatda derwaýys,gyzykly hem sowatly materiallaryň çap edilmegi ugrunda çalyşýar.

Metbugata syn merkezi neşirler tarapyndan welaýat hem şäher gazetlerine berilýär we materiallar içki sahypalarda ýerleşdirilýär.

Metbugata synyň edebi formasy onuň maksadyna laýyklykda kesgitlenilýär.Käbir ýagdaýda ol baş makala, käte-de resenziýa, kämahalam gymmatly iş tejribäni beýan edýän informasion materiala meňzeýär.

Metbugata syn özüniň mazmuny boýunça tematiki, umumy, informasion ýaly görnüşlere bölünýär

**Tematiki syn .** Metbugata synyň bu görnüşi haýsy hem bolsa bir möhüm meselä bagyşlanylýar. Awtor gazetiň belli bir döwrüni alyp, olaryň sahypalarynda möhüm temanyň beýan edilişini yzarlaýar.Meselem, dünýä tejribesiniň öwrenilişi, mekdeplerde interaktiw okuwyň ornaşdyrylyşy, ýaşlaryň watançylyk ruhunda terbiýelenilişi ýaly möhüm temalar saýlanylyp alnanda, olaryň metbugatdaky beýany jikme-jik seljerilýär we redaksiýalaryň işine baha berilýär. Tematiki syn berlende, çap

edilen materiallaryň hili, maksada gönükdirilişi, täsirliligi,edebi formasy analizlenilýär.

**Metbugata umumy syn**. Metbugata synyň bu görnüşinde, bir gazetde (ýa-da dürli gazetde) belli bir döwürde (kwartalda, ýarym ýylda) çap edilen materiallaryň tematikasy analizlenilýär. Syn berlen döwürde çap edilen materiallaryň derwaýslygy, ideýa –syýasy, edebi derejesi,žanrlaryň dürli-dürlüligi ýüze çykarylýar.

Metbugata synyň käbirinde diňe gazet sanlary däl-de, redaksiýada materialy operatiw çap etmekde ýol berilýän kemçilikler hem anyklanylýar.

**Informasion syn.** Metbugata synyň bu görnüşinde materiallara syn berilmeýär. Onda gazet-žurnallarda çap edilen iň möhüm hem-de peýdaly habarlar beýan edilýär. Informasion synyň maksady gazetdäki çykyşlaryň täsirlililigini güýçlendirmek we metbugat işgärleriniň ählisini täzelikler bilen tanyşdyrmakdyr.

**“Gazet sahypalaryndan”** rubrikada berilýän syn hem informasion wezipäni ýerine ýetirýär. Bu rubrikada gazetleriň gyzykly materiallaryndan mysallar getirilýär. Şunuň ýaly gysga synlar gazetiň gymmatly çykyşlaryny ýaýratmaga mümkinçilik berýär.

“**Soňky poçtadan”**rubrikasy informasion synyň operatiw formasydyr. Onda gazetiň gymmatly başlangyjy operatiw habar berilýär.

# Makala

Gazet-žurnallarda korrespondensiýa žanry bilen birlikde köp ulanylýan žanrlaryň biri-de makaladyr. Ýöne welin korrespondensiýa bilen makalanyň arasynda tapawut-da bar. Eger korrespondensiýa, adatça,aýratyn alnan fakty habar berip, analizleýän, oňa baha berýän bolsa,makala düýpli faktlara seredýär, umumylaşdyrylan pikiri beýan edýär we şonuň esasynda-da döwlet ähmiýetli meseläni öňe sürýär.Korrespondensiýada çäklendirilen ýerdäki we belli bir wagtdaky waka görkezilýär. Makalada welin alnan waka umumy wakanyň bir bölegi hökmünde garalýar. Bu žanrda anyk getirilen fakta jemgyýetiň durmuşy bilen bütewilikde seredilýär.

Makala şeýle hem garaýyşlaryň gerimi, umumylaşdyrmanyň çuňlugy bilen tapawutlanýar. Jemgyýetiň durmuşyndaky faktlary, wakalary teoretiki we praktiki taýdan umumylaşdyrýar, ylmy taýdan analizleýär.

Gazet-žurnallarda makalanyň roly uly. Onda döwletimiziň içeri we daşary syýasaty ýaýradylýar, teoretiki meseleler düşündirilýär. Ykdysadyýetde, senagatda, oba hojalygynda, medeniýetde,ylymda we bilimde gazanylanlar halk köpçüligine ýetirilýär.

Makalada gozgalýan meseleler diňe şu günde däl, eýsem ertirki günde-de derwaýyslygyny saklaýar. Sebäbi awtor şu günki günüň meselesini “görýp” däl-de, eýsem ertirki günüň meselesiniň “gözi bilen” ýazýar. Oňat ýazylan makaladaky öňe sürlen pikirlerde diňe şu günüň däl, ertirki günüň hem sesi eşidilýär.

Makalanyň görkeziji, wagyz ediji,mesele gozgaýjy, tejribäni umumylaşdyryjy ýaly görnüşleri bar.

**Görkeziji makala.** Makalanyň bu görnüşi gazet-žurnallarda köplenç baş makala, käwagtam redaksion makala hökmünde çap edilýär. Baş makala gazetiň birinji, redaksion makala-da köplenç ikinji sahypasynda berilýär.

Baş makalada döwletimizde kabul edilýän kanundyr kararlary ýerine ýetirmegiň esasy ugurlary görkezilýär.Olary ýerine ýetirmegiň dogry ýollary salgy berilýär. Baş makala jemgyýetçilik-syýasy häsiýetden başga-da, derwaýys ýerli temalardan-da (meselem, halk hojalygyndan,medeniýetden we ş.m) ýazylýar.

Baş makala ýa-da redaksion makala operatiw çap edilýär.

**Wagyz ediji makala**.Makalanyň bu görnüşinde döwletimiziň daşary hem içeri syýasaty, Beýik Galkynyş eýýamynyň ideologiýasy, olaryň berýän netijesi çüňňür düşündirilýär. Wagyz ediji makala ýokary ideýalylygy, analiziň umulylygy, temanyň çözülmegine döredijilikli çemeleşilmegi bilen tapawutlanýar. Makala jemgyýetçilik durmuşy bilen berk baglanyşdyrylýar. Döredijilikli pikir aýdylýar, ol hiç mahal owadan sözler,galypa salnan jümleler ýa-da boş sözler bilen doldurylmaýar. Oňat ýazylan makala okyjynyň aň-düşünjesini artdyrýar, teoretiki hem döredijilik taýdan baýlaşdyrýar.

**Mesele gozgaýjy makala.** Bu makalada jemgyýetimiziň ösmegi bilen ýüze çykýan täze meseleler gozgalýar. Şol meseleleri çözmegiň ýollary görkezilýär. Makalada ylmyň nebit-himiýa ulgamyndaky täze açyşlary, bilim berlişindäki tehnologik usullar, ekologiýadaky,suwy tygşytly ulanmak ýaly meseleler okyjylary gyzyklandyrýar.

**Tejribäni umumylaşdyryjy makala**. Ýurdumyzda we daşary ýurtlarda gazanylan gymmatly tejribeler ünsüňi özüne çekýär. Makalanyň şu görnüşinde berilýän materiallarda oňat başlangyçlar, tejribeler, olaryň halk hojalygyna berýän peýdasy barada okyjylara habar berilýär.

# Publisistika

Publisistika (latynça publicus- jemgyýetçilik) jemgyýetçilik pikirine gönümel täsir etmek maksady bilen möhüm social meseleleri beýan edýän žanrdyr.

Häzirki ylmy edebiýatda publisistika düşünjesi hakynda dürli kesgitleme bar. Köp halatda oňa syýasat, jemgyýetçilik durmuşy boýunça metbugat, radio-

telewideniýe materiallarynyň jemi hökmünde garalýar. Publisistika hakyndaky şeýle kesgitleme nädogrudyr. Sebäbi publisistika döwrüň öňe süren jemgyýetçilik meselesinden başga, häzirki wagtda örüsini giňeldip,syýasy, social, ylmy-wagyz edijilik häsiýetli meselelere-de operatiw seslenýän žanrdyr.Publisitikany metbugat ýa-da radio-telewidenie žanry diýip bölmek-de nädogrudyr. Onuň habar beriş serişdeleri boýunça bölünmegi bütewi teoriýasyny düzmäge, oňa obýekt hökmünde garamaga mümkinçiligi daraldýar.

Publisistika habar beriş serişdeleriniň özeneni düzýär. Sebäbi gyzykly, janly çykyş ähli hakykaty ýüze çykarýar.

Publisitikada esasy ölçeg onuň janlylygy, aktuallygy, jemgyýetçilik gyzyklanmasyny döretmegidir. Ol jemgyýetçilik pikiri döredýän köpçülik auditoriýasynyň üsti bilen metbugat sözi, ses ýa-da şekil bilen täsir edýän teksdir.

Publisistika žurnalistikanyň oçerk, makala, felýeton ýaly žanrlaryny öz içine alyp, publisitiki žanrlaryň bütewiligini düzýär. Ozüne mahsus bolan stili- resmi, ylmy, çeper, gepleşik stilleri bilen utgaşýar.

Publisistika jemgyýetçilik ýaşaýşynda ýüze çykýan derwaýys meseleler barasynda hakyky maglumatlar esasynda ýazylýar. Žurnalistikanyň bu žanrynda awtor öňe sürýän meselesini çözmegiň ýollaryny we tärlerini beýan edýär. Publisistikada jemgyýet üçin bähbitli bolan wakanyň haýsydyr bir açyş, peýdaly işleri edýän şahsyýetiň ( halk hojalygynyň işgärleriniň, intelligensiýanyň we ş.m.) ýa-da durmuşyň beýleki bir möhüm meselesi şöhlelendirilýär.

Haýsy temada ýazylýandygyna garamazdan, gozgalýan meseläniň, beýan edilýän wakanyň jemgyýet üçin peýdaly tarapynyň bolmalydygy publisistikadan edilýän esasy talaplaryň biridir.

Publisistika diňe bir žurnalistikanyň däl, edebiýatyň hem iň aktual, iň operatiw ugry. Çeper publisistikanyň üsti bilen durmuşyň öňe süren meseleleri anyk faktlarda, degşirmelerde halk köpçüligine ýetirýar.

Bu žanryň häzirki Beýik Galkynyş eýýamynda, Beýik özgerişler döwründe sosial-syýasy ähmiýeti artýar, örüsi giňelýär. Berkarar döwletimizi mundan beýläk-de pugtalandyrmakdaky, adamlaryň syýasy , sosial işeňňirligini ýokarlandyrmakdaky, doganlyk-dostlugy berkitmekdäki hyzmaty artýar.

Möhüm hem operatiw žanr bolan publisistika durmuşy hemişe dogruçyl beýan etmäge,wakalary takyk görkezmäge, adalatly netije çykarmaga çalyşýar.

Publisistikanyň beýan edilişiniň birnäçe görnüşi bar.

**Praktiki görnüşi.** Bu görnüşde obýektiň göze görnüp duran zady syn etmek bilen beýan edilýär.

**Logiki düşündirişli beýan etme görnüşi.**Bu görnüşde waka teoretiki taýdan jemlenilýär, möhümliligi aýratyn bellenilýär.

**Sosial-praktiki görnüşi.**Bu görnüşde tejribe açyk görkezilýär ,kynçylygy ýeňip geçmegiň ýollary salgy berilýär.

**Çeper-publisistiki görnüşi.** Bu görnüşde sosial hakykat obrazlar arkaly, ýagny edebiýatyň täri bilen beýan edilýär.

# Oçerk

Oçerk çeper edebiýatyň hekaýa ýa-da powest ýaly žanrlaryna ýakyndyr. Gahrymanlaryň, tebigatyň beýan edilişindäki janlylyk, täsirlilik,suratlandyrma oçerki edebiýat žanryna ýakynlaşdyrýan serişdelerdir.

Oçerk žanry durmuş bilen edebiýatyň arasyny birleşdirýan köpri, durmuşy öwrenmegiň uly mekdebi hasaplanylýar. Adamlaryň durmuşdaky ähli zady bolşy ýaly bilmek, öwrenmek, görmek islegini ýerine ýetirýär.

Temany çüňňur öwrenmezden –durmuşa, adamlara, wakalara göz ýetirmezden täsirli oçerk ýazmak mümkin bolmaýar. Ýüzleý toplanylan faktlar, maglumatlar,ýeterlik bolmadyk synlamalar esasynda umumy häsiýetde näçe owadan sözler bilen ýazylsa-da, oçerk täsirli hem gyzykly çykmaýar. Tema real ýagdaýda açylman, umumy gürrüňlere syrykdyrylsa, her hili gyzykly sanlar-da, maglumatlar-da oçerke peýda getirmeýär.

Oçerk anyk hem hakyky maglumatlar esasynda ýazylýar. Bu žanrda adamlar, olaryň hereketleri, wakanyň hakyky ýagdaýy janly suratda açylyp görkezilýär. Žurnalist faktlary hem wakalary owadanlaman, durmuşy dogry şöhlelendirýär.Oçerkde toslama hem ulanylýar, эцne ol ynandyryjy bolup, hakykata esaslandyrylýar.

Gazet oçerki çeper oçerkden tapawutlanýar. Çeper oçerkde esasy ideýa-da, syýasy-jemgyýetçilik işi-de, gahrymanlaryň suratlandyrylyşy-da, olaryň häsiýetleride çeper keşpde berilýär. Gazet oçerkinden derwaýys meseläniň görkezilmegi, anyk adam işiniň takyk suratlandyrylmagy talap edilýär.

Eger-de çeper oçerkde gahrymanyň häsiýetiniň ösüş, kämilleşiş taryhy beýan edilýän bolsa,gazet oçerkinde faktyň, wakanyň taryhy suratlandyrylýar.

Gazet oçerkinden operatiwlik talap edilýär. Waka gysga wagtda okyja ýetirilýär. Gazet oçerkiniň göwrümi kiçi bolýar.Sebäbi gazet sahypasynyň çäkliligi wakany ulaltmaga, liriki yza çekilmäni ulanmaga mümkinçilik bermeýär.

Gazet oçerkinde-de zähmet hem adam esasy mesele bolmagynda galýar.Eseriň gysga bolmalydygyna salgylanyp, guraksy sanlara, resminamalara agram salynmaýar. Gahrymanyň häsiýeti doly açylýar. Žurnalist esasy obýektden daşlaşman, meseläniň iş ýüzünde durmuşa geçirilişini görkezýär.

Oçerkiň kompozisiýasy temanyň işlenişine baglydyr. Waka köplenç logiki yzygiderlikde gürrün berlip, hereket edýän gahrymanlar häsiýetlendirilýär, wakanyň ähmiýeti açylyp görkezilýär. Tejribeli žurnalist oçerkiň kompozisiýasyny başgaçarak hem guraýar. Eseriň ilkibaşynda entek waka başlanmazdan ozalky ýagdaý, gahryman bilen tanyşdyrýar. Ondan soň wakanyň başlanyşyny ýazýar. Beýan edişi iň ýokary derejä ýetirip, onsoň eserdäki wakanyň çözülişine üns berýär. Oçerk täsirli soňlama bilen jemlenilýär.

Oçerkiň dil baýlygy-da özboluşly. Eserde çeperçilik, suratkeşlik,janlylyk, ynandyryjylyk zerur bolup durýar. Deňeşdirme metafora, nakyllardyr atalar sözi getirilýär.

Oçerkleriň **sýujetli** hem **beýan ediji** ýaly iki sany esasy görnüşi bar.

Sýujetli görnüşe portret hem mesele gozgaýjy oçerkler degişlidir.

**Portret oçerki**.Bu oçerkiň merkezinde iş adamsynyň portreti durýar.Merkezinde adam duran portret oçerkindäki gahryman, onuň praktiki işi bilen baglanyşykly hadysa žurnalisti gyzyklandyrýar. Portret oçerkinde gahrymanyň janly sypaty, durmuşy, dogumly hereketi, iş başarjaňlygy berilýär.

**Mesele gozgaýjy oçerk**.Bu oçerkde baş wezipäniň anyk işdigi, durmuşyň möhüm meselesidigi (çägäniň düzümindäki elemenleri öwrenmek hem halk hojalygynda peýdalanmak we ş. m. meseleler) aýdyňlaşdyrylýar. Aýratyn alnan fakt ýa-da waka suratlandyrylmak bilen birlikde, gahrymanlaryň umumylaşdyrylan keşpleri-de berilýär. Öňde goýulýan mesele çeper-publisistiki taýdan analizlenilýär. Suratlandyrylýan meseläni iş ýüzünde durmuşa geçirmegiň ýollary görkezilýär.

Beýan ediji oçerklere **wakaly** hem-de **ýol ýazgyly** eserler degişlidir.

**Wakaly oçerk.** Bu görnüşdäki oçerk durmuşda bolup geçýän möhüm waka bagyşlanylýar. Ýurt üçin uly ähmiýetli zawodyň ýa-da fabrigiň işe girizilmegi, demir ýoluň ulanylmaga berilmegi, halkara sergisiniň açylmagy we şuňa meňzeş wakalaryň doly görkezilmegi okyjylary gyzyklandyrýar. Wakaly oçerk çeper hem joşgunly ýazylýar. Eserdäki deňeşdirmeler, oýlanmalar, gyzykly jemlemeler öwredijiligi hem görelde alarlygy bilen tapawutlanýar.

**Ýol ýazgyly oçerk.** Eseriň bu görnüşi informasion žanrlarynyň ýol ýazgylaryna ýakyndyr. Oçerkde žurnalist özüniň syýahaty netijesinde diňe görüp-eşiden zatlaryny beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem faktlary, wakalary synlaýar,olary analizleýär, hakyky bolşuny açyp görkezýär. Ol informasion häsiýetde ýazylmaýar. Ýol ýazgyly oçerke beýan edişiň çeper nusgasy degişli bolup, döwrüň gahrymanlary, olaryň häsiýetleri çeper suratlandyrylýar.

## Felýeton

Bu žanryň ilkinji dörän ýeri Fransiýa hasaplanylýar. XVIII asyrda Parižde "Žurnal de deba" ("Jedel žurnaly") çap edilýär. Žurnala goşmaça çykarylýan sahypada berilýän materiallar "felýeton" diýlip atlandyrylýar. "Felýetonlarda" teatr täzelikleri, modalar, guralýan bal-maskaradlar barada habar berilýär.

XX asyryň ikinji onýyllygynyň ahyryna çenli Russiýada gazet sahypalarynyň aşaky böleginde çap edilýän materiallar felýeton hasaplanylypdyr. Türkmenistanyň metbugatynda-da 1921-nji ýyla çenli felýeton žanry bolmandyr. "Türkmenistan" gazetinde 1921-nji ýylyň iýun aýynda ilkinji felýeton "Balaja felýeton" rubrikasynda çap edilýär.

Felýeton derwaýys meseledäki kemçilikler barada tankydy äheňde ýokary derejede ýazylan çeper publisistikadyr. Materialda satiranyň hem ýumoryň elementleri ulanylýar.Felýetonyň stiline aýlawly ýaňsylama, gülki,kinaýa hem mahsusdyr.

Felýetona ynamdar çeşmeden alnan faktlar esas edilip alynýar. Gahrymanyň otrisatel häsiýetine çakda aşa gara reňk çaýmak, wakany çişirip görkezmek felýetona peýda getirmeýär, gaýtam žurnalistiň abraýyny gaçyrýar.

Žurnalist felýeton ýazmak üçin wakanyň jümmüşinde bolup, waka hem fakta göz ýetirýär, synlaýar, analizleýär. Onsoň wakanyň iň möhüm tarapy-"gahrymanyň" esasy kemçiligi hakda ýazýar. Ownuk-uşak, 2-nji derejeli zatlar barada ýazyp "tozan" turuzmaýar.

Felýeton žanrynyň çeperçiligine uly talap bildirilýär.Material agyr, öçügsi, galypa salnan ýa-da manysyz owadan sözler bilen ýazylsa, köpçülik ücin düşnüksiz bolan sözler ulanylsa, felýeton täsirli bolmaýar. Her bir söz ýa sözlem ýerlikli getirilýär, pikir aýdyň görkezilýär. Felýetonyň dili aýratyn edebi-žurnalisttik dil bolmaly.

Felýetonyň esasan felýeton-makala hem felýeton hekaýa görnüşi bar.

**Felýeton – makala.** Felýetonyň bu görnüşi çeper döredijiligiň täsirli dili, ynandyryjylygy bilen tapawutlanýar. Oňa "Adresli"felýeton hem diýilýär. Sebäbi material anyk wakalar, anyk adamlar esasynda ýazylýar.

**Felýeton – hekaýa**.Gurluşy boýunça ýumora ýa-da satiriki hekaýany ýatladýar. Emma ol möhüm temany publisistik stilde beýan edýänligi bilen tapawutlanýar. Oňa "Adressiz" felýeton hem diýilýär. Sebäbi eseriň gahrymany anyk adam däl. Toslanyp tapylan gahryman. Ýöne onuň häsiýeti durmuşda häli-şindi duş gelinýän häsiýetdir. Köp häsiýeti jemleýän edebi gahrymandyr.

Položitel häsiýetli felýeton hem bolýar. Şeýle felýetonda ýoldaşlyk degişmesi kinaýa berilýär.

Felýeton kämahal goşgy formasynda-da bolýar. Ol satiriki poema, basnýa görnüşinde ýazylýar.

Metbugatda felýetondan başga pamflet, parodiýa epigramma ýaly satiriki žanrlar hem gabat gelýär.

Ýurt Garaşsyzlyga eýe bolansoň, metbugatda tema erkinligi döredi, adamlaryň biri-birine garaýşy gowylyga tarap üýtgedi. Hoş sözler köp aýdylyp, metbugatda adamyň ýagşy tarapy ýaýylany kem görülmeýär. Magtymguly Pyragynyň "Ýamany goý, ýagşylara göz ildir" wesýetinden ugur alynýar.

Sebäbi hoş söz bet niýetli adamy-da toba getirýär, ýaman pälinden gaýtarýar. Şeýlelikde, jemgyýetimizde ýagşy adamlar köpelýär. Ýagşy adamlar köpeldigiçe-de, durmuşymyz hem barha gözelleşýar.

# II.Radiožanrlary

Radiožanrlary özüniň taýýarlanyş aýratynlygy boýunça gazet-žurnal žanrlaryndan tapawutlanýar. Radiogepleşikleriniň formasy hem tematikasy örän giňdir. Tematikanyň käbiri ýyllarboýy dowam etse,käbiri çalt-çalt çalşyrylyp durulýar. Žurnalist gepleşikleri dürli žanrlarda taýýarlap, radiodiňleýjileriň söýgüsini gazanýar.

## Radiohabar

Radiohabar žanry operatiw taýýarlanylýar we efire çalt göýberilýär. Habaryň esasynda günüň derwaýys wakasy ýatýar. Şonuň üçinem ol gyzgyny bilen diňleýjilere ýetirilýär.

Radioda wakany operatiw bermekde informasion žanrlaryň ilki bilen gysgajyk habar,hronika ýaly görnüşleri ulanylýar. Operatiwlik radionyň esasy mümkinçiliginiň biri hasaplanylýar. Gysga habarlar köplenç "Şu gün" ýa-da "Düýn" sözleri bilen başlanýar. "Ýakynda" sözi bilen başlanýan habar operatiw hasaplanylmaýar.Gysgajyk habarda artykmaç sözler, detallar bolmaýar. Onda sanlara, faktlara ýykgyn edilmeýär. Ol aýdyňlygy hem gysgalygy bilen tapawutlanýar.

Soňra wakany dolurak bermek üçin informasion žanrlaryň giňeldilen habar görnüşi peýdalanylýar.Onda wakanyň jikme-jikligi berilýär.

Radioda şol bir wakany informasion žanrlaryň iki görnüşi-de beýan edýär. Sebäbi biri-biriniň üstüni doldurýan bu habarlar diňleýjide uly täsir galdyrýar.

Radiohabar metbugatdaky habardan azda-kände tapawutlanýar. Metbugatdaky habaryň sözbaşysy bolup, ol ilkibaşdan okyjyny özüne çekýär. Radiohabarda welin sözbaşy okalmansoň,onuň ilkinji setirleri diňleýjä täsir edýär.

Habar okyjylara, diňleýjilere dürli ýollar bilen ýetirilýär. Metbugatda çap edilýän habar bilen okyjynyň arasynda “araçy” bolmaýar. Radioda welin habar bilen diňleýjiniň arasyndaky “araçy” diktordyr. Diktor habary labyzly okap, diňleýjä ýetirýär.

Radiohabar özüniň stili,dili, efire göýberiliş formasy boýunça-da tapawutlanýar. Okyjy metbugatda çap edilen habara arkaýyn göz gezdirýär, gerek bolsa käýerini ikilenji gezek okaýar. Emma radioda welin beýle mümkinçilik ýok. Bir gezekde okalan radiohabar her bir sözi, okalyş äheňi bilen tapawutlanýar,diňleýjiniň ünsüni çekýär.

Radiohabaryň tekstini žurnalist-redaktor ýazýar we efire taýýarlaýar, diktor hem mikrofonda okaýar. Ýokary hilli radiohabarda gysgalyk, aýdyňlyk, sesiň täsirligi esasy şert bolup durýar.

## Radiokorrespondensiýa

Korrespondensiýa radioda giň ýaýran žanlaryň biri. Onuň umumy ýazylyş düzgüni metbugat korrespondensiýasyndan känbir tapawutlanmaýar. Emma taýýarlanyşynda, efire göýberiliş formasynda tapawut bolýar.

Radiokorrespondensiýanyň teksti efire göýberilende köplenç saz bilen utgaşdyrylýar,kämahal bolsa gyzykly şowhun hem döredilýär. Diktor teksti okanda gahrymanyň sözüniň mehaniki ýazgysyny hem ulanýar.

Tekstdäki söhbetdeşligiň,faktlaryň analiziniň mehaniki ýazgylarynyň ulanylmagy radiokorrespondensiýanyň täsirliligini artdyrýar, diňleýjiniň ünsüni çekýär.

Radiokorrespondensiýa öňde baryjy tejribäni wagyz etmekde, halk hojalygynyň dürli pudagyndaky döredijilikli zähmeti görkezmekde ulanylýar.

# Radiomakala

Radio üçin kiçi göwrümli makala amatly hasaplanylýar. Sebäbi uly göwrümli makala diňleýjini tiz ýadadýar, ünsüni çekmeýär.

Okyjy metbugat makalasynyň käýerine düşünmese, ony gaýtadan okap düşünýär. Diňleýjide munuň ýaly mümkinçilik ýok. Bir saparda okalan radiomakala düşünmeli bolýar. Şonuň üçin makalanyň her bir sözi, sözlemi örän düşnükli, aýdyň okalýar.

Radiomakalany diňleýjilere ýetirmekde diktoryň hyzmaty uly. Eger-de makalanyň awtorynyň sesi aýdyň, labyzly bolsa, onda ol diktoryň hyzmatyndan peýdalanman, özi okaýar. Diňleýji awtor tarapyndan okalan makalany-da oňat kabul edýär.

Radiomakala jemgyýetçilik-syýasy, ylmy-tehniki,medeni-durmuş meseleleri beýan etmekde peýdalanylýar.

## Radiointerwýu

Radiointerwýu köp ulanylýan žanrlaryň biri.Ol köplenç durmuşyň öňe çykaran möhüm meselesinden guralýar.

Metbugatda çap edilýän interwýuda bolşy ýaly, radiointerwýu hem dürli maksatlarda bolýar:

-Ýurt Baştutanymyzyň içeri we daşary syýasatyndaky üstünlikleri, uly özgerişlikleri halka ýetirmek;

-Ýakyn wagtda boljak döwlet derejesindäki uly çärelere taýýarlygyň barşy bilen tanyşdyrmak;

-Alymlaryň, täzelikçileriň, telekeçileriň, kärendeçileriň, medeniýet we sungat işgärleriniň, tanymal sportsmenleriň gazanýan üstünliklerini aýan etmek;

-Syýasy, döwlet, jemgyýetçilik işgärleriniň, alymlaryň haýsam bolsa bir möhüm mesele boýunça pikirini mälim etmek we ş.m.

Radiointerwýu üçin möhüm temalaryň haýsam bolsa biri saýlanyp alynýar. Ondan soň şol tema boýunça sowallara esasly hem doly jogap berip biljek adam kesgitlenilýär. Metbugat interwýusyndan tapawutlylykda söhbetdeş boljak adamyň düşnükli hem ýakymly sesiniň bolmalydygy-da ýatdan çykarylmaýar.

Žurnalist hem tema boýunça söhbetdeşlige taýýarlanýar. Tejribeli hünärmenler bilen maslahatlaşýar we mysaly sowallary düzýär.Sowallar esasly düzülýär we söhbetdeşligiň temasyndan üzňe bolmaýar.

Radiointerwýuda sowallar metbugat interwýusyndaka garanda örän gysga düzülýär. Çünki gysga sowal diňleýjiniň ünsüni çekýär we söhbetdeşiniň gürrüňinden daşlaşdyrmaýar.

Žurnalist söhbetdeşlikde ozalyndan düzülen mysaly sowallardan daşgary-da sowal berýär.Şol sowal söhbetdeşiniň gürrüňindäki käbir detaly, fakty anyklamak, aýdyňlaşdyrmak maksady bilen berilýär.

Radiointerwýu käwagt örän operatiw guralmaly hem efire çalt berilmeli bolýar. Şeýle ýagdaýda radiointerwýunyň monolog görnüşi ulanylýar. Žurnalistiň derwaýys mesele boýunça başdaky bir sowalyna yzygiderli hem doly jogap berilýär.

Radioda soňky wagtlarda “Günüň derwaýys söhbeti” rubrikasynda syýasy temadan interwýunyň dialog (söhbetdeşlik) görnüsi has köp ulanylýar we özüniň oňat netijesini berýär. Radiointerwýunyň mundan başga-da köpçülikleýin interwýu (3-4 adama çenli) görnüşi, “Tegelek stoluň” başyndaky söhbetdeşlik ýaly formasy-da diňleýjileriň ünsüni çekýär.

## Radioreportaž

Radioreportaž informasion žanrlaryň iň gyzykly hem täsirli görnüşidir. Ol köp žanrlar bilen utgaşdyrylyp döredilýär.

Radioreportažyň belli bir tema boýunça kesgitli sýužeti bolup, ony esasan žurnalistiň özi alyp barýar. Žurnalist ilkibaşda waka barada gürrüň berýär, ähmiýetini düşündirýär. Radioreportažda halk hojalygynda gazanylan üstünligi beýan etmekde deňeşdirmeler hem getirilýär, netije çykarylýar. Goşgulardan, sazlardan peýdanalanylýar.

Eger interwýu köplenç studiýada geçirilýän bolsa, reportaž taýýarlamak ücin hökmany suratda wakanyň, dabaranyň bolýan ýerine barylýar. Žurnalistiň özi wakadyr dabara gatnaşýar, synlaýar.

Radiorepotaž üçin janly gepleşik häsiýetlidir. Žurnalist waka ýa-da dabara bilen baglanyşykda bir adamy, käwagt bolsa birnäçe adamy reportaža çekýär, olara sowal bilen ýüzlenýär.Şeýle ýagdaýda tema has giň açylýar, reportaž gyzykly çykýar.

Žurnalist-redaktor repotažy alyp baranda tema bilen baglylykda diktafon ýazgylaryndan hem peýdalanýar. Sanlary hem faktlary getirýär.Ýöne welin efir çendenaşa köp sanlardyr familiýalar bilen doldurylmaýar.Önümçilikdäki işi görkezmekde stanoklaryň, maşynlaryň sesi, şowhun hem köp ulanylmaýar.

Radiorepotažyň stili-de beýleki žanrlardan tapawutlanýar. Radioreportaž joşgunly bolýar. Gepleşigiň düsnükli, şeýle hem çeper dilde alnyp barylmagy diňleýjiniň ünsüni çekýär. Şunuň ýaly stilde ýazylan radiorepotažy diňlän adam özüni wakalara, dabaralara awtor bilen bilelikde gatnaşan ýaly duýýar.

Žurnalist dabaraly waka bilen baglanyşykly efire berjek radioreportažynyň mysaly meýilnamasyny ozalyndan düzýär, kompozisiýasyny guraýar.

Radioda esasan wakaly, tematiki reportažlar ulanylýar. Mundan başga baýramçylyklardan, sport ýaryşlaryndan guralýan radiorepotažlar hem diňleýjileriň göwnünden turýar.

## Radiohekaýa

Hekaýa žanry köplenç uly göwrümli bolýar. Ony şol durşuna radioda okamak kynçylyk döredýär, üstesine-de diňleýjini tiz ýadadýar.

Radioda uly göwrümli hekaýany efire bermekde dürli formalar ulanylýar.

Alypbaryjynyň hekaýany okamagy bilen utgaşyklykda kiçijik sahnajyk hem taýýarlanylýar,artistler tarapyndan ýerine ýetirilýär. Radiohekaýada mundan başga-da, eseriň mazmunyna laýyklykda sazlardan, aýdymlardan peýdalanylýar. Hekaýanyň gahrymanlarynyň sözleriniň janly gepleşikde dürli seslerde eşitdirilmegi diňleýjä uly täsir edýär.

Radiohekaýanyň şunuň ýaly formada efire berilmegi gyzykly hem täsirli bolýar, diňleýjileri ýadatmaýar.

Radiogepleşigiň tutuş hekaýadan, powestdir eposdan parçalar esasynda ýorite radiooýun taýýarlanyp, efirde bermek ýaly formalaram üstünlikli ulanylýar.

## Radiooçerk

Ozalyndan düzülen mysaly meýilnama esasynda döredilýän radiooçerkiň taýýarlanyş aýratynlygy bar. Onda esasan milli edebi dilimiz peýdalanylýar. Oçerkde mundan başga, janly gepleşigiň diktafon ýazgysy, saz, şowhun goşmaça element hökmünde getirilýär.

Radiooçerkiň sýužeti we kompozisiýasy,onuň ýatda galyjy başlanyşy hem-de jemlenişi täsirli bolýar. Şu meselede ol metbugat oçerkinden tapawutlanýar.

Tejribeli žurnalistiň radiooçerk taýýarlaýşyny göz öňüne getireliň. Mikrofonda: “Mähriban radiodiňleýjiler, eger siziň wagtyňyz bar bolsa, onda üns berip diňläň, häzir biz size…” diýip, diktoryň ýakymly sesi eşidilýär. Soňra hem “Halyçy gözel” aýdymy ýaňlanýar. Diňleýji “Efirde aýdym beriljekmikä?’ diýip gyzyklanýar. Aýdym gutarýaram welin kakylýan daraklaryň sazlaşykly sesleri eşidilýär.

Darak sesleri pessaýlaýar. Žurnalist haly fabrigi, onda işleriň alnyp barlyşy, halyçylar hakdaky radiooçerkine başlaýar.

Haly fabriginiň taryhy barada söhbet gidende, weteran halyçylaryň mehaniki ýazgydaky ýatlamalary eşidilýär. Türkmen halyçylarynyň häzirki döwürde gazanýan üstünligi,halynyň dünýä ýüzüne ýaýran şöhraty baradaky maglumatlar ses ýazgylary bilen utgaşdyrylýar.

Radiooçerkiň täsirli jemlenişi-de diňleýjini gyzyklandyrýar. Aýdym bilen başlanan radiooçerk aýdym bilen tamamlanýar.

Radiooçerkiň şunuň ýaly formada guralmagy gyzykly bolup, diňleýjiniň uzak wagtlap ýadyndan çykmaýar.

Radiooçerkiň esasan wakaly, portret, tematiki, ýol ýazgyly ýaly görnüşleri bar.

## Radiokompozisiýa

Radiokompozisiýa kyn žanrlaryň biri. Onda gürrüň bermek bilen birlikde, liriki goşgular, sazly suratlandyrmalar hem eşitdirilýär. Radiokompozisiýa ozalyndan düzülen mysaly meýilnama esasynda döredilýär. Gyzykly gürrüňler, täsin galdyryjy maglumatlar bilen utgaşdyrylýar.

Radiokompozisiýa taryhy,häzirki zaman edebi, medeni temalardan guralýar. Radiogepleşikde dürli resminamalar, sahna suratlandyrmalary, mehaniki ýazgydaky çykyşlar, ýatlamalar ulanylýar.

Gepleşigi artistleriň ikisi (kämahal üçüsi) gezekleşip alyp barýar. Radiokompozisiýanyň temasyna laýyklykda aýdym-sazlar ýaňlanýar. Tutuş yurt, aýry-aýry şäherler, olaryň ösüş depgini, röwşen geljegi, şeýle hem milli baýramçylyklar baradaky radiokompozisiýalar özünuň täsirliligi bilen tapawutlanýar.

# III.Teležanrlary

Gepleşikleri bermegiň dürli formasynyň hem metodynyň bolmagy telewideniýede dürli žanrdan peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Şunda telewideniýeniň aýratynlygy (tekstiň wideoşekil hem wideoýazgy bilen utgaşmagy) diňe faktlar hem wakalar barada gürrüň bermän, eýsem olary ekranda-da aýdyň görkezmäge mümkinçilik döredýär. Şeýlelikde, gepleşigiň täsirligini artdyryp, teletomaşaçynyň ünsüni çekýär.

Telewideniýede gepleşik taýýarlamak radiodakydan çylşyrymly hem jogapkärli.

Radionyňka garanda, telewideniýede gepleşik taýýarlamaga gatnaşýanlaryň sany köp. Her bir gepleşigi taýýarlamaga redaktordan başga, režissýör, teleoperator, hudožnik, tehniki işgärler gatnaşýar.

## Telehabar

Özbaşdak ähmiýete eýe bolýan obýekte telewideniýede kadrlar ýa-da wakalardyr faktlar diýilýär. Olar köplenç telewideniýeniň “Watan” habarlar gepleşiginde hem-de beýleki gepleşiklerinde ulanylýar. Munuň özi diktoryň tekstine goşmaça bolup,faktyň ýa-da wakanyň hut özüniň wideoşekili, wideoýazgysy bilen tanyşdyrýar.

Ýurdyň demir ýollarynda täze wagonlaryň nobatdaky tapgyry gatnap ugrapdyr diýeliň. Diktor bu täze wagonlar hakynda habar berýär, telewizoryň ekranynda bolsa kadrlaryň (wagonlaryň) wideoşekilleri görkezilýär. “Watan” habarlar gepleşiginiň her saparky gýberilişinde, şunuň ýaly kadrlaryň köp sanlysy ulanylýar.

Telehabarda gürrüňi edilýän täzeligiň wideoşekiller ýa-da wideoýazgylar bilen utgaşdyrylyp berilmegi teletomaşaçynyň badabat ünsüni çekýär,täzelik barada doly düşünje almagyna mumkinçilik berýär.

Telehabar tomaşaçylara operatiw ýetirilýär. Günüň dowamyndaky täzelik şol günüň agşamky “Watan” habarlar gepleşiginiň nobatdaky göýberilişinde wideoşekiller ýa-da wideoýazgylar bilen berilýär

## Teleinterwýu

Interwýu telewideniýede köp ulanylýan žanrlaryň biri hasaplanylýar. Metbugat interwýusy bilen teleinterwýunyň tapawutly aýratynlygy bar. Metbugatda çap edilen interwýuny okap, söhbetdeşlige kimleriň gatnaşandygyna, nähili meseläniň orta atylyp, ondan nähili netije çykarylandygyna göz ýetirilýär.

Telewideniýede guralýan interwýunyň başgaçarak aýratynlygy bar. Teletomaşaçy telewizoryň ekranynda birbada interwýuny alypbaryjy žurnalisti-de, onuň söhbetdeşini-de görýär, näme hakynda gürrüň gidýändigini, nähili sowallaryň orta atylýandygyny eşidýär. Şeýlelikde, teletomaşacy söhbetdeş bolunýan hünärmen hem-de alypbaryjy žurnalist bilen göni aragatnaşyk saklaýar.

Teleinterwýuda hem durmuşyň öňe sürýän wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşylyp, oňyn netije çykarylýar. Teleinterwýu syýasy, social-ykdysady, medeni hem ylmy temalarda we beýleki meseleler boýunça geçirilýär.

Interwýu haýsy temada geçirilse-de, öňünden oňa taýýarlyk görülýär. Interwýunyň geçiriljek ýeri, söhbetdeş bolunjak adamlar kesgitlenilýär. Radiointerwýudan tapawutlylykda, teleinterwýuda söhbetdeşlige çagyrylýan adamlaryň diňe bir düşnükli hem ýakymly sesiniň bolmalydygyndan başga, olaryň egin-eşiklerem gözden salynmaýar. Sebäbi telewizoryň ekranynda çykyş edýän her bir adamyň diňe bir gürrüňi däl, eýsem geýnüwliligi hem teletomaşaça ruhy lezzet berýär.

Žurnalist hem geçiriljek söhbetdeşlige oňat taýýarlyk görýär. Ara alnyp maslahatlaşyljak tema boýunça ozalyndan mysaly sowallary düzýär we söhbetdeşlige gatnaşjaklary tanyşdyrýar. Elbetde, mysaly sowallar tema boýunça söhbetdeşligiň yzygiderliligini saklamak üçin düzülýär. Şunuň bilen bilelikde, mysaly sowallara goşmaça sowallar hem girizilýär.

Söhbetdeşligiň dowamynda ozalyndan göz öňünde tutulmadyk, düýbünden başga sowallaram berilýär. Temadan üzňe bolmadyk şeýle sowallaryň käbir fakty ýa detaly aýdyňlaşdyrmakdan başga, söhbetdeşligiň gyzykly geçirilip, teletomaşaçynyň ünsüni çekmekdäki hyzmaty-da uludyr.

Häzirki wagtda teleinterwýunyň monolog hem-de dialog (söhbetdeşlik) görnüşleri operatiwligi bilen tapawutlanýar. Döwrüň gündelik möhüm temasy boýunça geçirilýän bu interwýular çalt guralýar hem-de teletomaşaçylara operatiw görkezilýär.

Telewideniýe köpçülikleýin görüş söhbetdeşligiň dürli formalaryny geçirmägede mumkinçilik berýär. Telewideniýeniň degişli bölümleri tarapyndan guralýan köpçülikleýin interwýu (3-4 adama çenli), “Tegelek stoluň” başyndaky söhbetdeşlik ýaly formalary teletomaşaçylaryň göwnünden turýar. Şeýle söhbetdeşliklerden ara alnyp maslahatlaşylýýan mesele boýunça dürli pikirleri, garaýyşlary diňläp, teletomaşaçy öz düşünjesini-de, dünýägaraýşyny-da giňeldýär, ara alnyp maslahatlaşýlýan meselä içgin aralaşýar.

Telewideniýeniň degişli bölümleri tarapyndan guralýan interwýularyň her bir görnüşi täsirli bolup, teletomaşaçylary gyzyklandyrýar.

## Telereportaž

Telereportaž hem gyzykly žanrlaryň biri. Onuň gazet reportažyndan tapawutly aýtratynlygy bar. Gazet reportažynda okyjy waka ýa çäre bilen žurnalistiň metbugatda çap edilen materialy boýunça tanyşýar. Telereportažda welin wakadyr çäre ekranda anyk görkezilýär. Teletomaşaçy ekrana seredip, waka bilen baglanyşykly hereketler, reportažyň gahrymanlary bilen gönüden-göni tanyşýar.

Habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşlerinde bolşy ýaly,telereportaž hem žurnalistikanyň köp žanrlary bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar. Kähalatda onda habar, hasabat, syn žanrlaryndan,interwýunyň monolog,dialog (söhbetdeşlik) ýaly görnüşlerinden peýdalanylýar. Temasyna laýyklykda aýdym-saz, goşgy eşitdirilýär.

Radioda bolşy ýaly, telewideniýede hem köplenç wakaly, tematiki reportažlar peýdalanylýar

**Wakaly reportaž.** Telereportažyň bu görnüşinde waka (täze zawodyň, fabrigiň, demir ýoluň ulanylmaga berilmegi we ş.m.) bolşy ýaly görkezilýär. Şunuň ýaly ýagdaýda žurnalist –redaktor, režissýor ozalyndan düzülmedik meýilnama ýa-da edebi ýazgy (ssenariý) bolmazdan, reportažy alyp barýar. Sebäbi wakanyň ýaýbaňlanyşy olara bagly bolmaýar.

Şonuň üçin hem olar dabara gatnaşyjy hökmünde wakanyň diňe esasy hem gyzykly ýerini wideoýazgy edip, ony jikme-jikligi bilen ekranda görkezmäge taýýarlaýar. Wakaly telereportažda aýry-aýry adamlaryň çykyşlary, sowal-jogaplar wideoýazgyda görkezilýär. Munuň özi telereportažyň mazmunyny baýlaşdyrýar, ähmiýetini artdyrýar.

**Tematiki reportaž**. Telerepotažyň bu görnüşinde wideoýazgy ediljek obýekt öňünden saýlanylýar. Tematiki reportaž halk hojalygynyň öňde baryjy kärhanaryndan, oba hojalygynda gazanylýan üstünliklerden, göreldeli şypahanalardan, medeniýet öýlerinden, orta hem ýokary okuw mekdeplerinde bilim berlişinden we şuňa meňzeş meselelerden guralýar.

Şunuň ýaly telereportažlarda hem ozalyndan edebi ýazgy (ssenariýe) taýýarlanylmaýar. Emma wideoýazgy ediljek adamlary ozalyndan saýlamak, olara beriljek esasy sowallary kesgitlemek welin zerurdyr.

Tematiki telereportažy guraýan žurnalistden işeňňirlik talap edilýär. Ol wideoýazgy ediljek ýeri, reportaža gatnaşdyryljak adamlary saýlamak ýaly meseleleri çalt çözmeli bolýar.

Ýokary guramaçylyk bilen guralýan tematiki telereportaž gyzykly hem täsirli çykýar.

Milli baýramçylyklar, sport ýaryşlary barada-da şunuň ýaly telereportažlar guralýar.

## Telesyn

Telesyn (teswirleme) hem informasion žanrlaryň bir görnüşi.Teletomaşaçy ýurdyň içerki temasyndaky telesynda yurt, welaýat, etrap, şäher boýunça belli döwürdäki (hepdelik,aýlyk,kwartallyk,ýarymýyllyk, ýyllyk) möhüm wakalar bilen tanyşyar.

Telesynda nebit-gaz, dokma senagatynyň, oba hojalygynyň ösüşi, şäherleriň hem obalaryň abadanlyşdyrylyşy we şuňa meňzeş meseleler öz beýanyny tapýar. Telesyn haýsy temadan guralsa-da, onda sanlar hem maglumatlar peýdalanylýar. Her bir telesynyň temasyna laýyklykda wideoşekiller görkezilýär.

Möwsümleýin berilýän telesyn hem täsirliligi bilen tapawutlanýar. Telewideniýede öňde baryjy etrapda pagta ýygymynyň barşyny görkezmek meýilnamalaşdyrylypdyr diýeliň. Şu maksat bilen etrabyň ekin meýdanlarynyň dürli ýerlerinden pagta ýygymynyň gidişini görkezýän wideoşekiller (kadrlar) taýýarlanylýar we tekst bilen birlikde telesynda görkezilýär.

Telesynyň dürli wideoşekiller bilen utgaşdyrylyp berilmegi gepleşigi has-da täsirli edýär. Teletomaşaçy anyk tema boýunça täsirli hem gyzykly çykan telesyndan ruhy lezzet alýar.

Hormatly Prezidentimiziň daşary ýurtlara iş saparynyň, ýurdymyzyň içersine aýlanyp görmeginiň jemlerini teswirleýän telegepleşikleriň dürli wideoşekiller bilen berilmegi teletomaşaçyda has-da uly täsir galdyrýar.

# Teleoçerk

Teleoçerk  köplenç önümçilik, sosial-medeni meselelere bagyşlanylýar. Olara telereportaždan tapawutlylykda, ozalyndan taýýarlyk görülýär hem-de ýörite edebi ýazgy boýunça döredilýär.Teleoçerkde  gürrüň awtoryň adyndan berilýär. Teksti köplenç artist okaýar.

Wideoşekiller hem-de wideoýazgylar teleoçerkiň  görnüşine,  tekstiň many-mazmunyna görä  peýdalanylýar.

Wideoşekiller hem wideoýazgylar, sowal-jogaplar, çykyşlar teleoçerki mazmun hem forma taýyndan bezeýär,ähmiýetini artdyrýar.

Teleoçerk kyn hem çylşyrymly žanr. Ol köp zähmeti talap edýär. Žurnalist ilkibaşda teleoçerkiň  temasyny, wideoýazgy ediljek obýekti, teleoçerke gatnaşjak gahrymanlary saýlaýar. Olaryň işjeňligini, gylyk-häsiýetini öwrenýär. Teleoçerk dörediljek obýekt, oçerkiň gahrymany näçe köp öwrenildigiçe, gepleşik hem şonça baý mazmunly, gyzykly  hem  täsirli çykýar.

Radiodaky ýaly telewideniýede hem oçerkiň wakaly,portret,tematiki, ýol ýazgyly ýaly görnüşleri ulanylýar.

# Edebi hem sazly telegepleşigi

Teatrlarda goýulýan täze oýunlar hakyndaky, döredijilik işgärleriň (artist, bagşy , kompozitor, hudožnik şahyr we ş.m.) durmuş ýoluna bagyşlanylan telegepleşikler özüne çekijiligi bilen tapawutlanýar. Şunuň ýaly telegepleşikler ozalyndan  düzülen edebi ýazgy (ssenariýa) boýunça döredilýär.

Telegepleşikde dürli wideoşekillerden, fotosuratlardan, wideoýazlardan peýdalanylýar.Artist hakyndaky gepleşikde alypbaryjy onuň işdeş ýoldaşlary, döredijilik ýoly hakda gürrüň berýär. Oýnan rollaryndan fotosuratlar ýa-da wideoşekiller görkezilýär. Artistiň oýnan spektaklyndan bölekler berilýär.Artistiň obraz döredişi hakda halypalarynyň  çykyşy görkezilse, gepleşik  has hem jüpüne düşýär.

Bagşy, kompozitor, hudožnik, şahyr hakyndaky telegepleşikler hem şunuň ýaly tertipde taýýarlanýar we dürli kadrlardan peýdalanylýar.

# Edebi telekompozisiýa

Edebi telekompozisiýa gyzykly telegepleşikleriň biri. Ol esasan taryhy ýa-da häzirki zaman temasyna bagyşlanylýar.

Telekompozisiýada awtoryň edebi ýazgysynyň teksti, sahnajyklar, kinokadrlar, teatr spektakllaryndan parçalar, ýatlamalar ulanylýar.

Gyzykly hem täsirli edebi kompozisiýany döretmekde telewideniýeniň ägirt uly mümkinçiligi bolýar. Onda gazet-žurnal, edebiýat žanrlaryndan hem peýdalanylýar. Haçan-da, metbugat hem edebiýat žanrlary telewideniýeniň aýratynlygy esasynda awtoryň teksti, wideoýazgy, wideoşekil bilen utgaşdyrylyp ulanylanda, gepleşik has täsirli çykýar. Bularyň hemmesi teležurnalistiň, režissýoryň, operatoryň ussatlyk derejesine baglydyr.

# Edebiýatlar.


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler.- Aşgabat,2008.
2. Проблемы теории печати. -Москва, 1973.
3. Богданов Н.Г. Вяземский Б.А. Справочник журналиста.- Ленинград, 1971.
4. В помощь начинающим журналистам- Москва, 1965.
5. “Türkmenistan” gazeti. 2008 ýyl, 21 ýanwar, 2009 ýyl, 7 aprel.
6. “Nesil” gazetiniň 2008-nji ýylyň aprel, maý, iýun, noýabr aýlaryndaky sanlary.

# Mazmuny


| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Döwrümiziň ruhy aýnasy | 3 | Radiokompozisiýa | 28 | |
| I.Gazet-žurnal žanrlary | 5 | III. Teležanrlary | 29 | |
| Habar | 5 | Telehabar | 29 | |
| Interwýu | 6 | Teleinterwýu | 30 | |
| Zarisowka | 8 | Telereportaž | 31 | |
| Korrespondensiýa | 9 | Telesyn | 32 | |
| Syn | 10 | Teleoçerk | 32 | |
| Ýol ýazgylary | 11 | Edebi hem sazly telegepleşigi | 33 | |
| Hasabat | 12 | | | |
| Reportaž | 14 | Edebi telekompozisiýa | 33 | |
| Resenziýa | 15 | Edebiýatlar | 34 | |
| Metbugata syn | 17 | Mazmuny | 35 | |
| Makala | 18 | | | |
| Publisitika | 19 | | | |
| Oçerk | 21 | | | |
| Felýeton | 23 | | | |
| II. Radiožanrlary | 24 | | | |
| Radiohabar | 24 | | | |
| Radiokorrespondensiýa | 25 | | | |
| Radiomakala | 25 | | | |
| Radiointerwýu | 26 | | | |
| Radioreportaž | 27 | | | |
| Radiohekaýa | 27 | | | |
| Radiooçerk | 28 | | | |